# Dünýäm, sen dälmi?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dünýäm, sen dälmi? DÜNÝÄM, SEN DÄLMI?



Eý, dünýäm, eneden dogulan wagtym,
Ýylgyryp, öňümden çykan, sen dälmi?
Çagakam oýunda çüwäýse bagtym,
Şatlygym paýlaşyp böken, sen dälmi?
Söýgä ulaşamda jahyllyk çagym,
Bolupdyň syrdaşym, inim hem agam,
Ýigitlikde bolduň arkamda dagym,
Derýa kimin joşup akan, sen dälmi?

Bürgüt kimin uçup, daglara çykyp,
Derýalary ýüzüp, menziller söküp,
Berekella-diýip, arkama kakyp,
Gop berip, serpaýyn ýapan, sen dälmi?

Ýoldaş bolmanmydyň uzak ýollarda,
Ganat bolmanmydyň sen hyýallarda,
Teşne bolup galsam suwsyz çöllerde,
Çeşme bolup, suwa ýakan, sen dälmi?

Lukmanym bolupdyň hassa ýatamda,
Derdimi paýlaşdyň gama batamda,
Bu gün bolsa gojalyga ýetemde,
Garradyp bilimni büken, sen dälmi?

Kimi nadan kyldyň, kimsäni a:ryp,
Kimsäni baý etdiň, kimsäni garyp,
Parh goýman, ähliсін topraga ga:ryp,
Ahyrynda ýere sokan, sen dälmi?

Dünýäm, sen her näçe bolsaňda zalym,
Şonda-da, seň bilen galmak hyýalym,
Amal etmän meniň soňky wysalym,
Ýüz öwürip, kese bakan, sen dälmi?

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular